# Gysgajyk pikir ýöretmeler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gysgajyk pikir ýöretmeler GYSGAJYK PİKİR ÝÖRETMELER




Gije, bar ýer tüm-garaňky, diňe sagadyň jykgyldysynyň sesi. Emma, ol gorkanokdy. Gözlerini açsa ýagty boljagyny bilýärdi, sebäbi ol şol wagt gözlerimi ýumup ýatyrdy.
Ýagyş ýagýar, çyg topragyň ysy şeýle bir gowy. Ýöne, ýapyk penjireden seredeniň bilen ol ysy alyp bolanok. Daşary çykyp ezilseňem soň eşik çalyşmaly, ýaltandy-da, penjiräniň tutularyny ýapyşdyrdy. Gowusy ýagyş ýagýanyny bilmezlik.

Oňat şokolad bilen süýtli çay, ýanyndan türk serial. Ine,

bagt. Ol bireýýämden bäri şeýdip örän bagtly ýaşaýar, durmuşdaky aladalara üns bermän.

Aýlyk geldi. Pul ujypsyz, bergi bolsa örän köp. Oturdy-oturdy-da, aýlygyň gelenine gahary geldi.

Ýeke özi adam aýagy sekmedik ada gidesi geldi, bar zady taşlap. Ýöne, beýle zadyň diňe kinoda ýa kitapda bolup bilýändigi barada pikir etdi-de, niýetini goýbolsun etdi.
Sözler